# Sür dowrany

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sür dowrany SÜR DÖWRANY

Jan dostlarym gama batmaň,
Bir maslahat hiç unutmaň,
Zähmet çekiň, nähak ýatmaň,
Bala batsyn, sür döwrany.

Halal zähmet durmuş nagşy,
Harsydünýä – haýwan wagşy,
Umytda bol ýagşy-ýagşy,
Hasyl etsin, sür döwrany.

Gybatkeş, dönük, içaly,
Olardan ara açaly,
Ganat baglap biz uçaly,
Arşa ýetsin, sür döwrany.

Bendesine berme jepa,
Dostuňa bol, mydam wepa,
Ak ýürek bol, bolma hapa,
Perişdetsin, sür döwrany.

Büdrese, ýykyp, abanma,
Dostuňdan ýaryň gabanma,
Görmeseň eşdip ynanma,
Hak zat utsun, sür döwrany.

Oýlan, seret, degre-daşyň,
Kim eýesi taýýar aşyň,
Maksada ýet bagyt guşuň,
Kowup tutsun, sür döwrany.

Öl hak diýip, nähak tozma,
Şerap içseň pälden ozma,
Serhoş bolup toýy bozma,

Keýpiň ýetsin, sür döwrany.

Howluksaň-da hiç gyssanma,
Kişi güýje sen daýanma,
Nähak ýere bişip, ýanma,
Güme gitsin, sür döwrany.

Gysganç bolup zadyň gysma,
Ýylan ýatsa guýruk basma,
Boljak zada gorkup busma,
Bähbit etsin, sür döwrany.

Halk otursa ýeke turma,
Ejiz gelseň boýnuň burma,
Husyt namarda ýalbarma,
Işiň bitsin, sür döwrany.

Ody basgyn ilki özüňe,
Ynangyn dostuň sözüne,
Görübiň gara gözüne,
Oklar atsyn, sür döwrany.

Her ýetene syryň aýtma,
Hemmäni özüňdir öýtme,
Ynsany ynjydyp gaýtma,
Rahat ýatsyn, sür döwrany.

Göz gyzdyrma baýlyklara,
Wezipä hem aýlyklara,
Ýollansaň şol taýlyklara,
Peýdaň ýetsin, sür döwrany.

Köp gürleme diňlenmeseň,
Hiç utanma geňlenmeseň,
Dertli bolup ýeňlenmeseň,
Dertdeş tapsyn, sür döwrany.

Adamy ýüzüne öwme,
Gybat edip ýokka döwme,

Bir bendäni oýnap köwme,
Agras etsin, sür döwrany.

Gyzlar etse näz-kereşme,
Belentde dur ruhdan düşme,
Gyza gödek ýakyn süýşme,
Sabyr etsin, sür döwrany.

Özüňi söý geçer pany,
Gerek ýerde gyna jany,
Ýaryş işiň bol pälwany,
Öňe itsin, sür döwrany.

Şöhrat getir illeriňe,
Kuwwat geler billeriňe,
Diýsin halkym elleriňe,
«Güller bitsin», sür döwrany.

Ýurdum adyl nirde barmyş,
Ilim-günüm nämä zarmyş,
Hemmämize bagtly durmuş,
Nesip etsin, sür döwrany.

Özüňi söýdürjek bolsaň,
Sözlerimden many alsaň,
Ilmämmedi diňlän bolsaň,
Nepi ýetsin, sür döwrany. Goşgular